# Milli taryhymyzy ýazmakda
# esasy prinsipleri unutmaýlyň!

Halkymyzyň başdan geçiren hem geçirip gelýän agyr günlerini dünýä jemgiýetçiligine aýan etmek, ylaýta-da faktlar we deliller bilen olary subutlamak, eli galam tutan we özüni hakyna borçly duýýan her bir taryhçynyň hem ýazjy-şahyryň iň ilki wezipelerinden biri haslaplanýar. Bu mesele-de esasan-da geçmişden sapak alyp onuň geljekde gaýtalanmazlygy üçin taryh ylymlaryň görkezýän faktlary, delilleri diýseň gymmatly maglumatlar hasaplanýar.

Golaýda «Türkmensahra» diýen internet saýtynda Hangeldi Ownugyň «Tükmnistan 20-30 ýyllar» diýen gysgajyk makalasy ýerleşdirlipdir. Onda Türkmenistanda mejbury kollektiwleşdiriş syýasta garşy 1927-nji ýyllarda uly möçberde gozgalaň turandygy, adamlaryň bolşewikleriň öjalamklaryndan howatyr edip topar-topar Eýrana hem Owganystana geçişleri, şonuň bir wagtda Gumada, Jüneýt hanyň gozgalaňy hakynda degdim-gaçdym, käbir zatlar agzalýar.

Şu setirleriň awtory bu barada indi köp ýyllardan bäri material ýygnap ençeme kitapça we buraşura çap edip, olary internet saýtlarynda ýerleşdirip gelýär.

Şu temadan köpräk maglumat edinmek isleýänlere «Türkmenleriň Taryhy» diýen 4 tomdan ybarat kitabymdan Türkmenistana degişli bölüminden şu aşakdaky parçany hödürläýarin.

Akmyrat Gürgenli
2007-njy ýylyň 4-nji dekabry
Prag. Çehiýa Respublikasy

*****************



Türkmenleriñ Taryhy

III

“Türkmenistanyñ Taryhy”

1900-1991

Ýazan:

*Akmyrat Gürgenli*

400 saypadan ybarat bu eser çapa taýýar

(Bu maglumatlar kitabyň 117-132) sahypalar aralygyndan alynday

## *Türkmenleriň Eýrana we Owganystana bosa-boslygy*

*«Asmandan aýroplan uçar,*
*Köçeden awtomobil geçer,*
*Milletiň Eýrana gaçar,*
*Boş galar Leniniň ýurdy.»*

*Afan şahyr. Jergelan(Eýran)*

**Türkmenistanda graždanlyk urşy, yzy bilen bolşewikleriň çekip-çydap bolmadyk täze düzgünlerine boýun bolmak islemedikler, mejbury kollektiwleşdirişe, kolhoza girmäge garşy bolanlar, baý-kulak, molla-müfti diýip yzalyp başlanýar, topar-topar bolup, Eýrana we Owganystana bosa-bosluk edýärler.**

**Jüneýt han ýurdy terk edenden soň müňlerçe hojalyk serhetden aşyp, Gürgen sährasyna-esasan Kümüşdepä, şeýle-de Marawadepä, Jergelana, Maşat we Turbate-jam şäherlerine, Owganystanyň demirgazygyna sygynýarlar. Bu işiň öňün almak üçin Türkmenistanda dürli çärele görülýär. «Türkmenistan» gazetiniň 16-njy iýun sanynda Eýrana we Owganystana geçen türkmenleriň öwrülip gelen ýagdaýlarynda mal-mülkleriiň gaýtarylyp beriljekdig baradaky hökümetiň permany çap edilipdir.**



VI تورکمن حکومتینک مراجعتی «تورکمنستان» غازیتاسینک 16 ایول
نومروسنده ، آفغانستان وه ایرانگه قاچقان تورکمهنلهرنگ مال وه
ملکلهرینک اوزلاریغا قایتاریلیشی حقنده تورکمهنستان حکومتینک
امری باسیلوب چیقدی. بو مراجعتنامهده ، تورکمهنستاندهن چیقوب
کیتکهن مال وه ملکلهرینی قایتاروب بیرهجهگی کهبی اونلهرگه اوز
آلورلار ، دیلهدر. حکومت بو قایتوب کیلوچی دهقانلارغا قویوب
کیتکهن مال وه ملکلهرینی قایتاروب بیرگهنی کهبی اونلهرگه اوز
خوجالقلارینی قوروش اوچون ایکین اسبابی وه ایش حیوانی بیریب
یاردمده ایتهدرگهنینی سویلهیدر. عجبا تورکمهنستان حکومتی بو
قایتادرغان. تورکمهنلهرنک یهگیدهن تالانوب باشقا تامانلارغا قاچیشغا
مجبور بولماسلقلارینیده وعد ایته آلورمی ؟ قیزیل شیطانلارنک قیزیل
یالغانلاریغا ایناتیب قایتاچاق تورکمهن دهقانلاری تابیلارمی ایکهن ؟

**Ýaş Türküstan. Sentýabr 1931. San 22**

*“Türkmen hökümetiniň ýüzlenmesi-“Türkmenistan” gazetiniň 16-nji iýul sanynda Owganystana we Eýrana gaçan türkmenleriň mal-mülkleriniň özlerine gaýtaarylyşy hakynda Türkmenistan hökümetiniň karary çap edildi. Onda hökümet gaýdyp gelen daýhanlara goýup giden mal-mülklerini gaýtaryp beriljegi we ekerançylyk üçim gerekli kömegiň we malyň beriljegine söz berilýär...”*

1921–1923-nji ýyllarda Kerkide we Çärjewde ýaşaýan ärsarylar topar-topar Owganystana göçüp gidipdirler. «1928–1933-nji ýyllarda türkmenleriň gozgalaňynyň basylyp ýatyrylmagy we ýurtda kollektiwleşdiriş bilen baglanşykly köpçülikleýin häsýete eýe bolan täze bosa-bosluk akymy döreýär. Mysal üçin 1928-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda berilen maglumata görä diňe Çärjewüň Garabekewil we Saýat obalaryndan 90 hojalyk, Kerkiniň dürli raýonlaryndan 3725 adam Owganystana bosa-bosluk edipdir.»[1]

G.Nepesow we beýleki Sowet taryhçylary Türkmenistandan bosa-boslugyň sebäplerini ýoýup, ony göýä baýlaryň, mollalaryň, buržuaz milletçileriň işi ýaly edip görkezýärler. Hakykatda bolsa ol türkmenleri baýlaryň aldawy däl-de, Sowet häkimiýetiniň terrorçylykly çäreleri, çekip çydap bolmajak durmuş şertleri ata mekanlaryny terk edip gitmäge mejbur edipdi. Bu göçha-göçlükleriň sebäbi barada Türkmenistanyň görnükli magaryfçysy, 1930-njy ýyllarda Eýrana sygnan Arazmuhammet(Orazmämmet) Wepaýew[2], Balykçy lakamy bilen Parižda çap bolan «Ýaş Türküstan» žurnalyna ýollan hatynda şeýle diýýär:

---

[1] Gaýyp Nepesow: Demirgazyk Türkmenistanda Sowet häkimiýetiniň ýeňişi. Aş.1950. S.316
[2] Bu şahsyýet barada kitabýň 2-nji babynda köpräk maglumat berýäris.

*«Sowet hökümetiniň 1920–1930-nji ýyllar aralygynda yglan eden pagta planynyň diňe 28% doldy. Muňa gazaplanan hökümet işgärleri müňlerçe daýhany tussag etdi. Köpleri bolsa ele düşmejek bolup maşgalalary bilen ýa-da ýeke başlaryna Eýrana we Oganystana gaçyp çykdylar. Çärjew raýonlarynda daýhanlary güýç ullanmak bilen bugdaý ýerlerini agdaryp, ýerine pagta ekmäge mejbur etdiler. Bu ýagdaýa nägile bolan daýhanlar ekerançylyk ýerlerini, işlerini taşladylar. Hökümetiň agronomlary, mekdep okuçylaryny alyp, traktorlar bilen dyza çenli gögerip oturan bugdaýy sürdüler. Şondan soň daýhanlaryň köpüsi Owganystana gaçyp gitdiler, birnäçe müňleri Baýramla, Mara, Tejene, Tagtabazara, Ýolötene gitdiler. Häzir Türkmenistanda azyk-imit gytçylyk edýär. Ýagdaýa çydap bilmedik 30 müňden gowrak adam ýaragly gozgalaňa baş goşdy. 400 müňden gowrak hojalyk Eýrana, Owganystana şeýle-de Guma tarap süýşdüler.»*[3]

**Türkmenistandan türkmenleriň topar-topar Eýrana sygynşlary barada Germanýada çap bolýan «Memmeler dampfoter» gazetde[4], Maşatdaky habarçysynyň maglumatyny ýerleşdiripdir. Onda şeýle diýilýär:**

*«Men Maşatdakam 200 sany türkmen maşgalasy mal-garalary bilen Duşakdaky araçäkden aşyp geldiler. Ýagşy ýaraglanan we serhetden aşmagyň kylygyny bilen bu adamlar köp ýitgi çekmändirler. Olaryň aýdyşlaryna görä mal-garalaryny kolhoza bermäge mejbur edilen 1200 çemesi türkmen Mara, Tejene we Gragumyň jümmüşine ýaýrap, ol ýerde Bolşewik hökümetiniň jezalandyryjy otrýadlaryna garşylyk görkezýärler. Garrygaladan gökleňler serhedi aşyp, Eýranyň çäginde ýaşaýan kowumdaşlaryna sygynýarlar. Eýran hökümeti bu türkmenlere araçägiň ýakasynda ýerleşmäge rugsat bermek bilen öz araçägini ruslaryň duşmany bolan bu türkmenler arkaly goramak isleýär.*

*Köp sany türkmen soňky wagtlarda Owganystana geçýärler, Owgan döwleti olary ýagşy kabul edýär. Tekeler bolsa Eýrana*

---

[3] Ýaş Türküstan. 1932. san 26

[4] 1931-nji ýylyň 30-nji awgust sanynda Rosita Forbesiň makalasy.

*aşýarlar. Pählewi hokümeti sygynýanlaryň sanynyň köpdügini nazara alyp, diňe öz raýaty hasaplaýan türkmenleriň kabul ediljekdigini yglan etdi. Gelýänler üçin Horasynyň demirgazyndaky Bujnurt taraplaryndaky ýaýlymlary bölüp berýär. Sowet hökümeti bolsa serhet garawullaryny güýçlendirip, araçäkden geçmek isleýänleri atyp öldürjekdigi bilen haýbat atsa-da, türkmenler çekinmän daşary ýurtlara çykýarlar. Maşada Orsýetiň şäherlerinden gelen köp sanly ruslara duş geldim. Olaradan eşdişime görä Sowet hökümeti bütin Orsýete gerek bolýan pagtany daşary ýurtlardan däl-de özi öndürmek maksady bilen Türküstanda köp möçberde pagta ekmäge buýruk beripdir. Daýhanlar bolsa galla ekýärler, sebäbi olar Orsýetden wagonlar bilen getiriljek bugdaýa mätäç bolmak islemändirler. Bu pagta syýasaty bütin Türküstanda açlyk ýagdaýyna alyp gelipdir. Aşgabatdaky Bahaýiler-de Eýrana gaçyp geldiler, sebäbi olaryň ol ýerdäki ybadathanasy ýapylypdyr.»*



**Aşgabatdaky Bahaýileriň metjidi**

**1908-nji ýylda bina edilen bu metjit, 1948-nji ýyldaky ýer yranmada zyýan gördi. Ol soňra düýbünden ýapyldy. (häzirki Magtymgulynyň ýadigärliginiň ýerinde)**

**Britanýanyň «Time» gazeti[5] Tährandaky habarçysynyň ýollan habaryny çap edipdir, onda şeýle diýliýär:**

*«Türkmenistandan gaçyp, Eýrana geçýän türkmenleriň sany barha artyp, 30 müňe golaý. Eýran döwtleti bulary serhetden 30-40 km uzakda, ýurduň içinde ýerleşdirýär. Maşada sygynanlaryň arasyda aç-hor, ägin-eşiksizleriň bar bolany üçin bu şäherdäki*

[5] 1934-nji ýylyň 22-nji maý sanyndan.

***«Amerikan jemgýeti» türkmenleri geýim-gejim bilen üpjün edýär, ýöne Eýran hökümetiniň işgärleri ýardamlaryň köpüsini özleri alýarlar.»***

**Eýranyň milli arhiw merkeziniň dokumetleri esasynda Eýrana sygnan Türkmenistanly bosgunlar baradaky käbir maglumatlar:**

**Orsýet we Eýran döwletleri iki tarapdan türkmenlere gysyşyny artdyýar. 1924–1926-njy ýyllar aralygynda Tähranyň harby ýörişiniň öňünde durup bilmedik Türkmensähraly türkmenler, Türkmenistana sygynýarlar. Emma ruslar olary yzyna gaýtaryp berýär.**


یاش توركستان

توركستان ملی استقلال مفكوره سینی تاراتوچی آیلق مجموعه

باش محرری: چوقای اوغلی مصطفی

سان 19 | 1931 (حزیران) ایون

ایرانده

ایران حكومتینینگ قراری بویونچه شرق ناحیه سی پولیس باشلیقی توبه نده گی اعلانی تارقاتمشدر:

چیت اولكه لردن پاسپورتسز و یا غیر منتظم پاسپورت‌له ایران توپراغینا اوتكه ن كیشیلرگه دولت مأمورلری اخطار ایتمه لیدرلر، كه اولار كیچیكمه سدن تیز ایران توپراغیدن چیقما لیدرلار. اگر بو امرنینگ اجراسنده بر شخص طرفیدن مسامحه و قارشولق كوریله‌بیلسه، دولت مأمورلری او شخصنی قایسی دولت توپراغیدن ایرانستانا كیرگه ن بولسا، او دولتگه قایتاروب بیرمه لیدرلر.

**Ýaş Türküstan žurnaly 1931-nji ýýl. 19-njy san**

***EÝRANDA***

***“Eýran hökümetiniň karary boýunça gündogar welaýatynyň polisýasy bildirýär:***
***Çet ýurtlardan pasportsyz ýa-da ygtybarsyz pasport bilen Eýran topragyna geçen adamlara polisýa haýal edmän Eýran topragynyndan çykmalydygyny bildirmeli. Eger bu permanyň ýerine ýetirilmegine bir adam garşylyk görkezse, polisiýa ony haýsy döwletden Eýrana gelen bolsa şol döwlete gaýtaryp bermelidir.”***

Eýranyň Horasan weýlaýatynyň häkimi Mahmud Jem, içeri işler ministerligine 1931-nji ýylyň aprelinde ýollan «gizlin» raportynda Türkmenistandan gaçyp Eýrana sygynanlaryň nirede ýerleşdirilmegi barada maslahat berýär:




**Eýranyň milli arhiw merkeziniň**
**106-nji nomer bilen belgi edilen dokumet(1930-njy ýyl)**

*İçeri işler ministerligi*
*28 Meher 1309*
*Horasan we Sistan welaýaty*
*Nomer 986*
*Gizlin*

*Hormatly içeri işler ministerligine*

*39 nomerli gizlin hatyňyz gowuşdy. Bosgun bolup gelýän türkmenler we dolanyp gelýän Aşgabatdaky eýranlylaryň ýerleşdirilmegi barda elbetde siziň buýrugyňyz ýerine ýetiriler. Ýöne siziň köpräk bilmegiňiz üçin şu raporty ýollaýaryn. Aşgabatdan dolanyp gelýäň eýranlylaryň aglabasy täjir, söwdigär we işçi, az sanlysy daýhan. Bosgun bolup gelýän türkmenleriň bir bölegi Eýranyň raýaty, olar goşun çekilen mahaly (1925-de AG) Eýrandan gaçyp gidenler, başga bir bölegi bolsa Orsýetiň graždanlary. Olar bolşewikleriň*

*hökümetine çydaman, olaryň din baradaky syýasatyny ýigrenip, Pehlewiniň asudalygyndan peýdalanmak üçin bärik gelýärler. Eýranlylary Maşatda ýerleşdirmeli diýip oýlanýaryn, goý olar söwdalary bilen meşgullansynlar, daýhanlaryna bolsa hökümetiň ýerlerinden ekerançylyk üçin ýer bermeli.*

*Emma türkmenler, bular şäherlerde ýaşap görmedikler, şoňa görä olary Garadepe we Pişkemerde- araçäkden 160, 200 km içerde ýerleşdirmeli. Olar üçin bu ýer örän amatly, sebäbi Kümmetgowza we gragulhanalara ýakyn ýer, türkmenlere berk kontrollyk etse bolar hem-de garawulhanalaryň düzgünde terbiýelese bolar. Elbtde siz nähili maslahat görseňiz şol bolar. Ýöne türkmenleriň Eýrana gelmegini höweslendirýän bähbit hem oňat şert döretmeli däl, sebäbi beýle edilse ruslaryň bizden ynjamaklary mümkin, ýöne her kim öz erki bilen Eýrana gelse aýdylan ýerlerde oturtmaly, elbetde hiç kimiň habary bolmaly däl.*

*Horasan we Sistan welaýatynyň häkimi*

*Mahmud Jem*

Bu mesele bilen baglanşykly O.Wepaýew 1932-nji ýylyň 30-nji iýunynda «Ýaş Türküstan» žurnalyna ýollan hatynda bosgunlaryň gaýgy-aladalaryny beýan edip şeýle mazmunly hat ýollapdyr:

> *«Öten ýyl Eýran hökümeti Türkmenistandan gaçyp gelen ildeşlerimizi araçäkden 300 km içerde ýerleşdirdi. Olar Ata Watanda galan dogan-garyndaşlaryndan şeýle aralarynyň açylmagyna nägilelik bildirýärler.»*[6]

Hazar ýaka Kümüşdepede şäherçesiniň harby komandiniň, Astrabadyň goşun başlygyna 1931-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda ýazan raportynda Balkandan aşyp Kümüşdepä gelen 9 türkmeniň atlaryny görkezýär. Komandyr olary kontrol astynda saklamaklygy, gelenlere öz milli eşiklerikiniň ýerine “pählewi” şapkasyny geýmelidikleri barada häkime berk buýruk berýär.

---

[6] Ýaş Türküstan 1932. san 34



*1719 26 mehr 1310*

*Astrabadyň ýöriteleşdirlen goşun birliginiň ýokary dejeli kamndirine hem-de Sähranyň harby häkimine !*

***1758/1310.02.13 hatyňyza jogap hökmünde SSSR-den gaçyp gelenleriň atlaryny hödürleýärin. Olar hemişelik Kümüşdepe galmak isleýärler.***

***Sähranyň harby hökümeti***

***№ 1943***

***Ahunlyk egzamini bermedikler selleli bolsalar gezibersinler ýa-da telpek geyip bilerler. Sowatsyz mollar selle baglamasyn.***



**Eýranyň milli arhiw merkeziniň dokumetlerinden**

*1310.10.7 taryhyndan Balkandan Kümüşdepä gelenleriň atlary:*

*1.Söýün Berdi (Hoja, talyp,39 ýaşly, Täçberdi hanyň öýünde)-Garja Hallygurban (Hoja, çopa, 57, Baýramgeldi ahunyň öýünde)-Mämetgurban Garja (Hoja, çopan, 22, Baýramgeldi ahun)- Annamuhammet Annadurdy (Kelte, çopan, 20, Molla Haladyň öýünde)-Abdyrahym Kemal ahun (Hoja, işsiz, 22, Ýüsüp Täjiriň öýünde)-Mämetkerim Kemal Ahun (Hoja, çopan,31, Baýramgeldi ahunyň öýünde)-Rehmetguly Şyh ahun (Hoja, işsiz, 21, Ýüsüp)- Sapar Halat (Kelte, çopan, 24, Baýramgeldi ahun)- Atamät Guldan (Hoja, çopan, 47, Ýüsüp Täjiriň öýünde).*
*Bosgunlara Täçberdi han, Baýramgeldi ahun, Molla Halat, Ýüsüp Täjir dagy hossarlyp edipdirler.*



**Bosgunlara hossarlyk eden edermen adam**
**Täçberdi han (Goklany) «Sähra gazetinden»**

**Eýrana geçen türkmenleri, Türkmenistana geçen Eýranlylar bilen çalyşmak bardaky teklip bilen Horasanyň häkimi, içeri işler ministerligine telegramma ýollaýar.**




Eýranyň «milli arhiw merkeziniň» dokumetlerinden

***Horasandan Telegramma 08.12.1306***
***Hormatly içeri işler ministerligi***

***Ýaragly 15 sany türkmen halylary bilen bikanun Lutof-abad geçelgesinden geçdiler. Gümrükhanda olaryň ýaraglaryny alypdyr. Ruslaryň Deregezdäki baş konsoly olaryň özlerine berilmegi talap edyär. Eger-de bikanun geçyänleri iki döwlet bir-birine bermedik bolsa onda biz haçanda Eýrandan gidenleri ruslar beren ýagdaýynda, bu gelenleri olara berip bileris. Näme höküm edýärsiňiz? №189***

***Hatyň aşagynda: Gündogar! Welaýat häkiminiň teklibi bilen ylalaşýarys, olar-da gaýtarymaly. Bu permany daşary işler ministerligine-de bildiriň.***

**Eýrana sygnan türkmenleriň aç-hor, gyşyň sowgynda ölmekleri mümkin diýen gizlin raport (1945-njy ýyla degişli)**



Eýranyň milli arhiw merkeziniň dokumetlerinden

*Razwedka edarasy*
*1-nji bölüm*
*1324/10/20*
*№ 1/11188*

*İçeri işler ministerligi- Polisiýa edarasy*

*Gizlin*

*İçeri işler ministerligine*

*Maşat şäheriniň 1324/10/08-2317 nomerli raporty:*

*Torbet-e Haýderiýe polisiniň habar bermegine görä 17.12.23 bilen 02.09.24 aralygynda 60 töweregi türkmen hojalygy serhet žandarmasyndan T.Haýderiýe polisýasyna getirildi. SSSR-iň islegine görä we 9-nji welaýatyň häkimliginiň kabul eden kararyna laýyklykda olar polisiýanyň kontrollygynda saklanýar. Türkmenler gaty hor, olara iş berilmeýär, imäge içmäge zatlary ýok, bu gyşyň sowgunda ölmekleri mümkin. Olar öz watanlaryna dolanmak isleýärler. Ýagdaýy size bildirýärin.*

*Eýranyň polisýa edarasynyň başlygy. Pod polkownik Zerrabi*



تورکستاندان قاچیب ایرانغا سیغینغانلارنینگ احوالیدان خبر آلینگلار

تورکستانینگ ورکمنستان بولومیدن پناه ایزلب ایرانغا اون
مینگلرچه عائله قاچیب چیقدی. بو تورکستانلیلار ایرانغا قاچیب چیقمازدان
ایلگری بولشویکلر طرفیدان تالانغانلار. کوپیسی قازاماتخانه‌لردن
قاچیب قالغانلاردیر. قاچقینلار یالنغز اوز جانلارینی قوتقاریب ایرانغا سیغینا
آلغانلار. بولارنینگ کون کیچیریشلری کوب آغیر حالدادر. آچلیق، یالانغ-
آچلیق، ناخوشلیققا یولوققانلار. شونداي تورموشدا بولارنینگ حالیدان
خبر آلاورغان بیر مسلمان اهلی یوق دیسک اوتوروکیچی بولماس‌ایدی.
اولارنینگ بو تورموشیدان یورت حاکملرینا خبر بیره‌تورغان بر انسانپرور
کیشی یوقمو؟ ایران حکومتینه تورکستان قاچقینلارینینگ حقیقی حالی
آچیق بیان ایتیلسه بو بیچاره غریبلرگه، آچ وه یالانغاچلارغا ایران حکومـ
تینینگ یاردم بیریب، ناخوشلارینا دوختور کومه‌گی بیرمه‌جه‌گینی اویلایمز.

Ýaş Türküstan žurnaly. noýabr 1933. San 48

***“Türkmenistandan gaçyp Eýrana sygynalaryň halyndan habar alyňlar!***

***Eýrandan pena sorap on müňlerçe maşgala Türkmenistandan gaçyp çykdy. Eýrana çykmazdan ozal olar bolşewikler tarapyndan talandylar, köpüsi gazamatlardan gaçyp atanlar. Olaryň durmuşy agyr, olar diňe öz janlaryny gutaryp Eýrana sygnanlar. Açlyge, ýalaňaçlyge we kesele ýoluganlar. Şeýle durmuşda olaryň halyndan habar alan bir musulman ýok diýsek öte geçdigimiz däl. Olaryň bu durmuşyndan ýurt häkimlerine habar berip duran bir ynsanperwer kişi ýokmy? Eýran hökümetine Türkmenistanly bosgunlaryň hakyky halyny açyk beýan edilse bu biçärelere, aç we ýalaňailara Eýran hökümetiniň ýardam berip, kesellere ýardam berer diýip oýlanýarys. (Eýrandan gelen hat- Wepaýewiň ýazan haty bolsa gerek. AG)***



**“Daşarý ýurtlardan gelenler hökümete garşy propaganda edýän bolsa bildiriň!”**
**Hazar ýaka Uly Aryk mekdebiniň arhiwinden. 1930-nji ýyl**

*Magaryf we sungat ministrligi 16.12.1309*
*Magaryf we owkaf edarasnyň Astrabat edarasy № 28919*
*Derňew bölümi*

*Astarabadyň Magaryf wekili*

*Eger-de siziň iş alyp barýan ýerleriňizdäki mekdeplerde yslama ýa-da döwletdir hökümete garşy propaganda alyp barýan daşary ýurtly molla-müfti bar bolsa haýal edmän olaryň öňüni alyň we işiň netijesini derhal tellegramma bilen bildiriň. Bu işde kemçilik goýberilmegiň bagyşlanmajagyny gaýtalap durmaýyn, bar günä üstüňize ýöňkelip, yzarlanarsyňyz.*

*Astarabadyň magaryf edarasynyň başlygy Mehdi Farruh*

Ýaş Türküstan žurnaly «Türküstanly bosgunlaryň pajygasy» sözbaşly makalasynda, Eýrana sygnan türkmen bosgunlaryna ýagdaýy hakda ýene şeýle maglumat berýär:

*«Bu günler biz Eýrana gaçyp baran Türkmenistanly bosgunlaryň ol ýerdäki ýagdaýy bilen tanyş bolýarys. Bu ildeşlerimiziň arkaýyn ýaşaýandyklaryny göz öňüne getirmek mümkin däl. Gowşan maglumatlara görä olar «ýagmyrdan gaçyp, dola uçrapdyrlar». Olaryň özleri bilen alyp gaýdan mal-garalaryny, ýanyndaky gymmat baha zatlaryny Eýranyň gümrük-paç edaralarynyň işgärleri talapdyr. İndi olar Hindistana gidip, Britan hökümetiniň*

*hemaýatyna geçmegini maksat edinýärler. Bu türkmenleriň ýagdaýy barasynda ol ýerdäki Türkiýäniň we Owganystanyň konsulhanalary öz döwletlerine raport ýollan bolsalar-da henize çenli jogap gelmändir. Bu türkmenler arz-şykaýat bilen Eýran döwletine-de ýüzlenipdirler, emma olam bir netije bermändir, olaryň dertleri azalmandyr.»*[7]

Žurnalyň şol sanynda Eýranyň Kümmetgowuz şäherine sygnan Gandym han diýen bir türkmeniň suraty-da ýerleşdirlipdir.

Žurnalyň şondan soňraky sanlaryn-da bosgunlaryň pajygaly ýagdaýyna dünýä jemgiýetçiliginiň ünsi çekilýär. «Ynsanlyk we gardaşylyk hatyrasyna»[8] sözbaşly makalada şeýle diýlipdir:

*«Ynsanlygyň adyndan çyn ýürekden Eýran hökümetine ýüzlenýäris, onuň ýurduna ölümden gutulmak üçin baş pena sorap baran doganlarymyzyň düşen agyr ýagdaýlaryny ýeňleşdirmegini soraýarys.»*

Baş makalada soňra Tahranyň «İttelaat» gazetiniň 1933-nji ýylynyň 7-nji oktobr sanynda çap bolan makalasy bilen baglanşykly Eýran-Rus we Türkmen-Eýran gatnaşyklaryna deglilip geçilýär:

*«1917-nji ýylyň april aýynda Orsýetiň wagtlaýyn hökümeti, Eýrandan rus goşunlarynyň çekilmeginiň öňüni almak we oňa garşy bolmak hakynda Türküstan komissarlygyna buýruk berdi. Türküstanyň milli şurasynyň başlygy, bu meseleden habarly bolansoň oňa garşy berk protest bildirýär. Tahran hökümetiniň myjabat atan bu türkmenleri bolsa rus hökümetiniň Eýrana kast we hüjüm etmegine garşy protest hökmünde gozgalaň turuzmaga taýýarlan adamlardy. İne şeýle howp astynda Türküstandaky hökümet komisýasy, rus goşunlarynyň Eýranda galmagynyň makul däldigini Peterburge bildirmäge mejbur boldy.»*

«Ýaş Türküstan» žurnalynyň baş makalasynda şondan soň, Türkmen-Eýran gatnaşyklaryna degip geçip ikinji bir mysaly getirýär:

---

[7] Ýaş Türküstan. 1932-nji ýyl. April. 29-nji nomer
[8] Ýaş Türküstan. 1933-nji ýyl. Dekabr. 49-nji nomer

*«İkinji hakykat. 1919-nji ýyly. Bolşewiklere garşy türkmen urşunyň iň gyzgyn çagy. Türkmensähraly türkmenler özbaşdak bir türkmen jemhuriýetini döretmek ugrunda göreşdiler. Bu göreşe ýolbaşçylyk eden adamlar we ony amala aşyrmak üçin göz öňüne tutulan türkmenleriň atlary bize mälim. Hakykatdanam bütin türkmenleriň bir döwletde birleşmegi, olary ýakyndan gyzyklandyrýan bir mesele dälmi? Emma bu planyň amala aşyrylmagy üçin Gürgeniň Eýrandan bölünip alynmagyna garşy duran türkmenler-de bolupdy. Şoňa görä Türkmenistanda bu teklip ret edilipdi.»*

Baş makala şu sözler bilen tamamlanýar:

*«Eýranyň rus hem Britan gysyşy astynda bolan şol wagtky şertinde, türkmenleriň Eýran barada juda paýhaslylyk görkezendigini inkar etmek bolmaz. Taryhyň garaňkylygyna çümmezden türkmenler hakynda akylly başly hereket etmegine Eýranly goňşularymyzdan isleýäris. Türkmenler barada, olaryň üstünden ganly diktatura hüküm sürýän döwründe bolup geçen wakalara däl-de, bu türkmenleriň erkin hereket etmek mümkinçiligine eýe bolan wagtyndaky ýagdaýyna syn edip baha bermeklerini isleýäris. Biz öz döwletlerine baş pena sorap baran ildeşlerimiziň agyr ýagdaýlaryny ýeňilleşdirmegine kömek bermegini eýran jemgiýetçiliginden, isleýäris. Biz Eýran hökümetinden öz ene topraklaryny terk etmäge mejbur bolanlara dostluk elini uzatmagyny isleýäris.»*

Tahranyň «İttelaat» gazetinde: «Eýran-Şurewi dostlugyny, türkmen pitneçileri bozup bilmez»[9] sözbaşly makala çap bolupdy. Eýranda türkmenlere taryh boýy garalyp gelýän terzde baha berildi. Olar üçin türkmenler «basmaçy», «çapawulçy» we şm. Bu syýasat bu güne çenli üýtgemän dowam edip gelýär. Eýran-Rus döwletleri türkmenlere gysyş görkezmekde edil gaýçynyň iki agzy kimin hereket edip geldiler. «Mysal üçin 1924-nji ýylda Osman ahunyň baştutanlygynda Türkmensähraly türkmenler awtonom jemhuriýet gurmak ugrunda gozgalaň turzanda,

[9] İttelaat gazeti. Tahran. 1933-nji ýyl. 7-nji oktiýbr sany.

Tahran üç topardan ybrat uly goşun birliklerini Sahra ýollady. SSSR-iň Tahrandaky adatdan daşary we doly ygtyýarly içlisi Georgi Çiçerin türkmenleriň gozgalaňyny basyp ýatymakda haýal edýänligi sebäbi Eýrana nägileligini bildirýär hem-de türkmenlere berk jeza bermegini Tahrana ündeýär.»[10]

1933-nji ýylda Eýrana sygnan türkmenleriň sany barha artypdyr:

> *«Eýrna sygynýan türkmenleriň yzy üzülmeýär. Maşadyň töweregi bosgunlardan dolany üçin, indi olary Sebzewar, Nişapur we Birjend şäherleriniň töweregindäki obalarda ýerleşdirýärler.»*[11]

Eýran hökümeti bosgynlaryň köpüsini berk kontrolda saklap, bir toparyny bolsa yzyna gaýtaryp berdipdir. Bolşewikleriň agentleri-de demirgazyk Eýrana, Türkmensähra arkaýyn gelip gidipdirler. Olar «halk duşmanlaryny» ysyrganyp tapyp, bolsa wada bilen yzyna gaýdmaga, bolmadyk ýagdaýynda ogurlap alyp gaýdypdyrlar, ýa-da öldüripdirler. Gyzylarbatly belli Gurbanmyrat ahun[12] Kümmetgowuzda bolşewikleriň agentleri tarapyndan Türkmenistana alyp (ogurlanyp) gaýdylýar we ýok edilýär, magaryfçy Orazmuhammet Wepaýew bolsa ogurlanyp, yzyna alynyp gaýdylýar.[13] GPU-niň agentleri ýeke Türkmenistanly türkmenleri däl, hatta türkmenleriň gozgalňyna ýardam beren Göki sopy ýaly Türkmensähraly türkmenleri-de ogurlap Türkmenistana alyp gaýdypdyrlar.

Eýrana sygnan “Garagum işanyň ogly”, bu ýerde horlanandygy barasynda Türkmenistandaky dogan-garyndaşlaryna şeýle mazmunly hat ýazypdyr:

> *«Oturmaga ýer, tutmaga ýurt soramak üçin Gürgenden Tahrana gitdik. Münüp barýan atlarymyzy, eşeklerimizi ýolda urup-zorlap aldylar, hernä janlarymyza degmediklerine şükür etdik. Agyr ýola çydaman ýarpy menzilde ejem öldi. «Ýedi gün ýola çykanymyza» diýende olgum öldi. İkisenem ýolugra jaýladyk. Kyrk gün diýlende Tahrana bardyk. Möhümimiz bitmdi. Ýene yzymyza gaýytdyk.*

---

[10] T.Gutlyýew: Soýuz hem Garaşsyzlyk.
[11] ýaş Türküstan. 1933-nji ýyl. 45-nji nomer.
[12] Gurbanmyrat ahunyň ogly Muhammet ahun Kümmetgowzuň belli ruhanylaryndan. Onuň ogullary we agytklary häzir bu şäherde ýaşaýar.
[13] Bosgunlaryň yzyna alnyp gidilişi barada seret: Rahym Esenow. Syrly Toslamalaryň pydalary. Aşgabat 1995. Türkmenistan neşriýaty. Şeyle-de Ýaş Türküstan žurnaly 1933-nji ýyl. 49-nji san. S.4

*Şondanam «bagt alla» diýip Owgana aşdyk. Görmedigimiz görde galdy . Bizi alla gargadymy, ors sygdyrmadymy, bilmedik ne günämiz? Didarlaşmasak razy boluň, ganly gözümiz size sataşmagyň, ata ýurdy görmegiň arzuwynda[14].»*

***Halkymyzyň bu ajy günleri gelin-gyzlaryň lälelerinde-de yzyny galdyrypdyr:***

**«Janym Gezeň düzleri, hem goýun otlar hem guzy,**
**Gurysyn orsuň ýüzi, kowdy, çykardy bizi.»**

**«Gaýra, gaýrada galdy, oklar ýarada galdy,**
**Biziň bilen deň-duwşlar, bizden gaýrada galdy.»**

**Bu galanyň daşy halka-halka, çyka bilmen galka-galka,**
**Eý Hudaýym meni ýalka, galdym Orsýet galasynda.**

**Bu galanyň daşy demir-demir, Çyka bilmen ömür-ömür,**
**Eý Hudaýym orsy gemir, galdym orsýet galasynda.**

**Gaýra[15], gaýra bakar men, dokma darak kakar men,**
**Şol gaýrany görmesem, erip, erip akar men.**

**İlerimiz dagmydyr? Üsti kese bagmydyr?**
**Uçup barýan ak guşlar, ilim-günüm sagmydyr?**

**Ak guş bolup uçsadym, öz ilime düşsedim,**
**Öz ilimiň suwyndan, ganyp-ganyp içsedim.**

**Ekin ekdim bitmedi, sapan atdym ýetmedi,**
**Haram ölmüş Nekeleý, üstümizden gitmedi.**

**Orslar geldi bu ýurde, dawa gurdy obada,**
**Bu ne bela bilmedik, halkyň agzy tobada.**

**Ekmekçidim patrak, barysy boldy çetrek,**
**Gowşyr meni ilime, däli Gürgen, Etrek.**

**Bu daglaryň başy ýanar, köwlenip daşy ýanar**
**Kim ilinden aýrylsa, ýüreginiň başy ýanar.**

**Gaýradan atly gelýär, silkme telpekli gelýär,**
**Ola meniň doganym, ýany sowgatly gelýär.**

---

**[14] Ýaşlyk žurnaly 1992-nji ýyl 7-nji san: Gaplaňaganyň "Jüneýt han baradaky gürrüňi" diýen makalasyndan.**
**[15] Gaýradan maksat, Türkmenistan.**

Agaç başy saz eder, şahasy owaz eder,
İlinden aýra düşen, indi kime näz eder.

Agaç başy burular, düýbünde su durular,
Kim ilinden aýrylsa, şonuň boýny burular.

Aýlan tabak men tabak, obam göçdi men galdym,
Biziň bilen deň-duwşlar, bizden gaýrada galdy.
………………………………
Gaýradan gelýän bäş geçi, hany munuň erkeji
…………………………………
Gaýradan nawlar gelýär…
Gaýradan gelýän hüýk.hüýk…
*****************************